# Kimden gorkmaly?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Kimden gorkmaly? KIMDEN GORKMALY?

Gorkma sen, nesihatym,
Gorkma sen edenliden,
Näçe güýjüň bolsa-da,
Gorkgunyň ejizlerden.

Kaýyl bol mert kişiniň
Ýüreginiň emrine.
Gorkma, ony sakçy goý,
Öýüňe däl, ömrüňe!

Ejiz bolsa gork ondan,
Uly ýagy – ejizlik!
Ejizligiň bar ýeri –
Tükeniksiz ejirlik!

Ejizlikdir, unutma,
Gülleri solduryan zat.
Unutma, ejizlikdir
Güýçlini öldürýän zat!

* * *

Gahara gujak açdym,
Utdurdym.
Gahary görüp gaçdym,
Tutdurdym.

Gahara gahar etdim,
Beýgeldi.
«Hä, muny nähak etdim…»
Diýsem, eýmendi.

Gahar meý uzatdym,

Dübledi.
Gahara toý düzetdim,
Güwledi.

Gahara halat ýapdym,
Esedi.
gahara gülüp bakdym,
Peseldi.

SÄHER HÜWDÜSI

Ýaz ýagyşy, ýuwsana
Ýeri ähli beladan.
Ýuwsana gaýgy-gamdan,
Ýuwsana bar naladan.

Säher ýeli, ýazsana
Şol päk ýerde owadan
Gülli keçäni düşek,
Dem-dynjyn alsyn adam…

Nury BÝARAMOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 28.01.1983 ý. Goşgular